# Görnükli ýazyjy hem publisist

Category: Edebi makalalar,Hekaýalar,Kitapcy,Romanlar,Sözler
написано kitapcy | 22 января, 2025
Görnükli ýazyjy hem publisist GÖRNÜKLI ÝAZYJY HEM PUBLISIST

Görnükli tatar ýazyjysy hem-de ýalkymly publisisti Fatih Emirhan birinji rus rewolýusiýasy döwründe edebiýat meýdanyna çykyp, tatar demokratik edebi hereketini ösdürmek ugrunda uly işjeňlik görkezdi we baý miras galdyryp gitdi. Onuň ussatlyk bilen ýazan syýasy-publisistik makalalary, satirik felýetonlary, resenziýalary hem-de tankydy makalalary tatar realistik edebiýatyny we progressiw medeniýetini ösdürmekde ullakan ähmiýete eýedir.
«Ýaşlar» (1909 ý) pýesasy, «Tatar gyzy» (1909 ý) diýen liriki powesti, «Durmuş» (1911 ý) we «Ortalykda» (1912 ý) diýen romanlary F.Emirhanyň 1907-nji ýyl bilen 1912-nji ýylyň aralygynda ýazan iň iri eserleridir. «Ýaşlar» dramasy F.Emirhanyn eserleriniň içinde öz döwrüniň ýaşlarynyň durmuşynu realistik taýdan beýan edenligi jähtden iň ähmiýetli eserdir.
F.Emirhan tatar edebiýatynyň taryhynda tankydy realizm metodyny ösdürijileriň iň görnüklisi boldy. Ol öz döwrüniň reaksion güýçlerini ýiti dil hem-de kinaýa bilen paş edýärdi. Ýazyjy täze progressiw jemgyýeti döretmekde ýaşlara umyt baglaýardy.
Gumanist ýazyjynyň döredijiliginde aýal-gyzlary azatlyga çykarmak temasy-da uly orun tutýardy. «Siz aýal-gyzlar, bu göreşde – köne bilen täzäniň arasyndaky göreşde täzeligiň tarapynda durmalysyňyz, çünki köne durmuş aýal-gyzlary ärleriň keýp çekmegi üçin gurjak edip ýasapdyr, ähli aýal-gyzlary adamlaryň hemmesine degişli hukuklardan mahrum edipdir» diýip, ýazyjy öz makalalarynyň birinde ýazýar. Özüniň «Tatar gyzy» diýen liriki powestinde yslam dininiň reaksion hem-de köne urp-adatlaryň emri bilen adam saýylmadyk aýal-gyzlaryň ykbalyny beýan edýär. Tatar gyzynyň, ondan-da beter jebirlere sezewar bolan Gündogar aýal-gyzlarynyň durmuşy ýazyjynyň şu

eserinde dogruçyl görkezilýär.
Gündogar halklarynyň dillerini, medeniýetini hem-de edebiýatyny oňat bilen F.Emirhan şol halklaryň edebiýatynyň tatar medeniýetine ýetiren oňaýly täsirini hormat bilen ýatlaýardy.
Ýazyjy progressiw rus medeniýetine, beýik rus halkynyň klassyk ýazyjylaryna hemişe hormat goýýardy. 1908-nji ýylda Lew Tolstoýyň 80 ýaşynyň dolmagy mynasybetli ýazan makalasynda ony Russiýanyň iň beýik hem bütin dünýä meşhur ýazyjysy diýip; 1913-nji ýylda W.Korolenkonyň 60 ýyllygyna bagyşlap ýazan makalasynda ony diňe rus milletine däl-de, eýsem beýleki milletlere hem özbaşdaklyk we azatlyk islän adam diýip görkezýär.
F.Emirhan soň ençeme kiçijik hekaýalar ýazyp, durmuşdaky aktual temalara degişli köp sanpy publisistik makalalaryny hem metbugat sahypalarynda çap etdirdi.
F.Emirhan 1919-njy ýyl bilen 1925-nji ýyl aralygynda halkara reaksiýasyny paş edýän makalalaryň ençemesini yzly-yzyna ýazýar. 1920-nji ýylyň 15-nji aprelinde «Kyzyl Armiýa» gazetinde çap edilen «Täze urşa görülýän taýýarlyk we nebit» diýen makalasynda ol imperialistik döwletleriň mekir planlaryny paş edýär. Şol makalasynda F.Emirhan: «Häkimiýet başyna gecen buržuaziýa iň jenaýatçylykly hilelerden hem çekinmeýär. Indi ol millionlary gyrgynçylyga saljak urşa öz synpyndan başga synplary-da çekmekden ötri, ol her hili çypdyrmalara ýüz urýar» diýip ýazýar.
Ýalkymly publisistiň bu sözleri şu gün hem güýçli ýaňlanýar. Realist ýazyjy täze uruş oduny tutaşdyryjylara garşy täze real güýçleriň emele gelip ugrandygyny görýär. Ol ýokarda ady tutulan makalasyny umytly sözler bilen tamamlaýar:

«Olar dünýäni ýer bilen ýegsan ediji uruş turuzmaga dyryşýarlar… Emma nebit «korollaryna» muny etmek başartmaz: sosial rewolýusiýanyň gyzyl gylyçlary häzir mazaly taplangydyr».

Ýazyja bu ynanjy Sowet döwletiniň daşary ýurtly interwentleri

derbi-dagyn etmegi, graždanlyk urşy döwründe, içki kontrrewolýusiýadan üstün çykmagy beripdi.
1925-nji ýylyň fewralynda Tatarystanyň sowet jemgyýetçiligi Kaýum Nasyryň doglanynyň 100 ýyllygyny bellände çykyp geplän sözünde F.Emirhan zähmet çekmek hem öz zähmetiň rehnedini görmek üçin adamlara Sowet häkimiýetiniň ähli şertleri döredendigini nygtap görkezipdi hem-de şol dabaralara gatnaşyjylary tutanýerli zähmet çekmäge çagyryp, şeý diýipdi:

«Halkyň medeni, ykdysady hem-de syýasy taýdan ösmegi ugrunda çalyşmakluk hemmämiziň hem deň şärikli wezipämizdir».

Şu wesýetlerinden soň, F.Emirhan basym ýogaldy. 1907-nji ýylda başlanan ysmaz keseli beterläp, başga keseller hem üstüne goşulyp, 1926-njy ýylyň 9-njy martynda ol biziň bilen ömürlik hoşlaşdy.
Ol häzir biziň aramyzda ýok hem bolsa, biz oňa: «Seniň wesýetleriňi yzygiderli ýerine ýetirýäris, täze durmuş guryan halkymyzyň röwşen geljegine barýan ýolunda edebiýat, sungat hem metbugat özüne mynasyp orny eýeleýär» diýip aýdyp bileris.

Midhat GAÝNULLIN,
filologiýa ylymlarynyň doktory. Edebi makalalar